# Durmuşyň açylan güle meňzesin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Durmuşyň açylan güle meňzesin DURMUŞYÑ AÇYLAN GÜLE MEÑZESIN

● Aýjemal Hajyýewa bagyşlaýaryn

Ykbal saňa hergiz gyýa bakmasyn,
Gözleriňden ajy ýaşyň akmasyn,
Bir näkese duşup, örtäp ýakmasyn,
Durmuşyň açylan güle meňzesin.

Bir enäniñ bolsañ-da sen gyzy sen,
Misli pasyllaryñ bahar-ýazy sen,
Megerem gözelleñ iñ bir uzy sen,
Durmuşyň açylan güle meňzesin.

Abraý atly ýüküň bolsun durmuşda,
Biabraý bir etmäwersin bu ýaşda,
Allam ýamanlardan gorasyn daşda,
Durmuşyň açylan güle meňzesin.

Agalaryñ namysy sen, ary sen,
Çekmägöri bu durmuşda zary sen,
Bir gün bolsañ söýen ýigdiñ ýary sen,
Durmuşyň açylan güle meňzesin.

Ýagşy ýoldaş bolsun ömrüň bezegi,
Ogul-gyzdan ýetsin nobat gezegi,
Kenaryna ýetsin yşkyň küregi,
Durmuşyň açylan güle meňzesin.

Gyzyl gülden dolup dursun gujagyň,
Bereketli bolsun gülli saçagyň,
Saglyk bilen ýansyn ody ojagyň,
Durmuşyň açylan güle meňzesin.

Gül ýüzüñi galdym dünýäde görmän,

Kalbymda kök urdy öçmejek arman,
Belki, seniñ bagtyñ maña-da derman,
Durmuşyň açylan güle meňzesin.

20.03.2019 ý. Goşgular